# Özbegistan täsirleri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özbegistan täsirleri ÖZBEGISTAN TÄSIRLERI




▶ AK ÝOLLARDAN ÖŇE BARÝAR ARKADAG
Türkmen, özbek halky, şäherdir kentler,
Goňşy hem dost ýaşap asyrlarboýy.
Bir-birege goldaw, medet beripdir,
Bile sowup her bir baýramy-toýy.

Birdir iki halkyň däbi-adaty,
Taryh çuňlugyna uzan kökleri.
Parahat asmanda ýaýyp ganaty,
Dostlugy jar edýär akja kepderi.

Goşulyp mylaýym öwsen ýellere,
Gündogar sazlary ýaňlanan wagty,
Jaňly kerwen geçen ýüpek ýollara,
Ýene saýa salýar dostluk daragty.

Depregiň, tüýdügiň, kernaý, surnaýyň
Eşdilýän ýerinde şirin owazy,
Toý tutulýar.
Mähelle tans oýnaýar,
Kalba dolýar söýgiň, bagtyň howasy.

Diňine bak, hol, gadymy binalaň,
Ýetýär belent başy Arşyň deňine.
Gündogar, men seni nämä deňäýin,
Ýokdur gözellikde geçen öňüňe.

Mary, Ürgenç, Was hem Buhara, Hywa,
Ata-babalaryň gezen ýerleri.
Sen mydam laýyksyň tarypa, öwgä,
Nijeleriň sežde kylan ýerleri.

Meňzeş sen dünýäniň göwher-dürüne,
Gadymy Gündogar,
Gözel Gündogar!
Altyn Aý nur saçar sähra-düzüňe,
Alnyňdan hemişe seniň Gün dogar.

Bir derýanyň kenarynda öý guran,
Gündogaryň iki gadymy halky ~
Içen suwy birdir türkmen, özbegiň,
Bir-bire mähremdir häsiýet-hulky.

Äleme bellidir paýhas-pähimde,
Alyşir Nowaýy, Magtymgulysy.
Baý bu ýerler akyldara, zehine,
Bir supra jem eýlän ili-ulusy.

Bu gün Türkmenistan hem Özbegistan,
Bir-birege gol uzadýar dost bolup.

Arkadag paýhasy – dillere dessan,
Arkadagyň ýoly – dünýä nusgalyk.

Çirimsiz ak gijeleriň hakyna,
Halk üçin işleýär, döredýär, gurýar.
Kireňsiz ak gündizleriň hakyna,
Arkadag ak ýoldan ynamly barýar.

Sebitde däl,
Tutuş dünýä ýüzünde
Parahatlyk bolsun diýip berkarar.
Ýagşy niýetleri besläp köňülde,
Ak ýollardan öňe barýar Arkadag.

Mert
            Watana howa ýaly gerekdir,
Mert – Zeminiň arzuwlany, geregi.
Goralmaly,
Aýalmaly ýürekdir
Arkadagyň dünýä ýaly ýüregi.

Ol ýürege älem-jahan ýerleşen,
Aladasy – adamzadyň geljegi:
Didarlaşyň, doganlaşyň, birleşiň,
Aman bolsun zeminiň çar künjegi.

Bilelikde Beýannama gol çekip,
Dostana döwletleň milli Lideri.
Köňüllere mizemejek ýol çekip,
Döretdiler ýüreklerde jenneti.

Serpaý edip bize günleň ýagşysyn,
Ýaýdy giň jahana parahatlygy.
Arkadag ýaşasyn,
Watan ýaşasyn,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy!

▶ DOSTLUK DARAGTY

Agzybirlik daragtynyñ miwesi,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.
Beýik Galkynyşly zamanañ sesi,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.

Asyrlar, heññamlar bolandyr şaýat,
Bir-birege arka, baky hemaýat,
Asly beýik, topragy nur-keramat,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.

Magtymguly Pyragy hem Nowaýy,
Birdir iki halkyñ gökde Gün, Aýy,
Saz-söhbeti şirin, sözi ~ dogaýy,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.

Köneürgenç, Was hem Hywa, Buhara,
Kerwen çekip Maru-Şahu-Jahana,
Halklar gadam goýdy gadym Ahala,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.

Ýakyndyr dilimiz, dessur-däbimiz,
Mydam ýagşylykda niýet-pälimiz,
Bir suprada toý toýlaýar ilimiz,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy.

Sag bolsun mähriban Arkadagymyz,
Göterdi belende şöhrat-şanymyz,
Birdir ykbalymyz, jiger-janymyz,
Ýaşasyn türkmen hem özbek dostlugy. Goşgular